# Russiýanyň Daglyk Garabagdaky roly

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Russiýanyň Daglyk Garabagdaky roly RUSSIÝANYŇ DAGLIK GARABAGDAKI ROLY TÄZEDEN GÜÝÇLENEN DARTGYNLYKDAN SOŇ SORAG ASTYNA ALYNDY




*Daglyk Garabagda uzaga çekmedik söweşden soň Azerbaýjan bilen Ermenistan ylalaşyga geldiler. Indi nämä garaşmak bolar?*
Daglyk Garabagdan gelýän habarlary yzarlap, topa tutulýan binalary we aglaýan zenanlary wideodan synlap, uzakly gijäni ukusyz geçiren Tigran belanyň körüginiň kimdigini bilýändigini aýdýar.
2001-nji ýylda Russiýa göçüp gelen etnik ermeni bolan Tigran Azerbaýjan bilen bölünişikçi anklaw arasynda täzeden tutaşan we 20 kişiniň ölümine we 200 kişiniň ýaralanmasyna ýol açan çaknyşyk wagtynda “hiç zat etmänligi” üçin prezident Wladimir Putini günäkärleýär.
Birnäçe aý bäri barha artyp gelýän dartgynlyk sişenbe güni, Azerbaýjan ermeni ýurtbölüjilerini ýaragsyzlandyrmak üçin täze hüjüme badalga berende hasam ýitileşdi. Halkara jemgyýetçiliginiň aglaba bölegi Bakuwy ähti bozmakda günäkärläp, onuň hüjümini ýazgardy, Daglyk Garabagdaky häkimiýetler bolsa ermenileriň ýaragsyzdygyny we olaryň bu sebitde harby bazalarynyň ýokdygyny öňe sürdüler.
Tigranyň pikiriçe, 2020-nji ýyldaky uruşda ýurtbölüjileriň

şowsuzlyga sezewar bolup, Azerbaýjanyň Daglyk Garabagdaky we onuň töweregindäki strategik çäkleri ele geçirmegine hem-de Ermenistan bilen aradaky üpjünçilik ýoluny ýapmagyna esasy sebäp bolan zat – Putiniň ýurtbölüjileriň baş howandary Ermenistana harby kömek bermekden ýüz döndermegi.
“Putin bizi satdy, garabag ermenilerini tutuşlygyna satdy” diýip, 47 ýaşly hukuk goraýjy edara işgäri Tigran “Al Jazire” habarlar gullugyna gürrüň berdi. Şahsyýetini goramak üçin ol özüniň at-familiýasyny we ýaşaýan ýerini gizledi.
Seljerme geçiren hünärmenleriň gelen netijesine görä, Azerbaýjanyň 2020-nji ýylda ýeňiş gazanmagynyň sebäbi – onuň döwrebap ýaraglary, şol sanda dronlary satyn almagy we Ýakyn Gündogardaky söweşlerde synagdan geçen taktikalary ulanmagy, Ermenistanyň we daglyk garabaglylaryň bolsa köne-sana rus ýaraglaryna hem-de özleriniň 1990-njy ýyllarda ulanmaga öwrenişen harby tilsimlerine bil baglamagy bolup durýar.
Tigran şeýle hem Kremli we onuň bu sebite iberen 2000 esgerlik rus parahatçylyk güýçlerini soňky aýlarda Daglyk Garabagda azyk, lukmançylyk serişdeleri we gaýry deslapky zerurlyklar babatda ýitileşen gytçylygyň öňüni alyp bilmezlikde günäkärledi.
“Putin kömek etmäge söz berdi, emma o taýda meniň halkym açlykdan ölmäge başlanda hiç zat etmedi” diýip, ol telefonda beren söhbetdeşliginde aýtdy.
Tigranyň “Al Jazirä” beren söhbetdeşligin-
den soň bir sagat hem geçmänkä ermeni ýurtbölüjileri atyşygy bes etmek boýunça Russiýanyň teklibine razylyklaryny mälim etdiler.

- **Indi näme bolar?**

Daglyk Garabagy elden giderenden soň Ermenistan öz çäklerini, hususanam Azerbaýjany Nahiçewana – Ylham Alyýewiň atasy we ýurduň öňki prezidenti Haýdar Alyýewiň dogduk mekany bolan anklawa baglaýan Zangezur dälizini ýitirmegiň gaýgysynda galar.
Baku Nahiçewana ermeni gözegçilik-geçiriş nokalary bolmadyk

pesgelçiliksiz geçelge islese, Türkiýe şeýle geçelgäni Merkezi Aziýanyň türki dilli ülkelerine baglanma halkasy hökmünde ulanmak isleýär.

Waşington federal okrugyndaky pikirlenişme guramasy bolan “The Jamestown” gaznasynyň harby seljerme hünärmeni Pawel Luziniň pikirine görä, “indiden beýläk Ermenistan haýsydyr bir daşky ulag-aragatnaşyk geçelgesiniň öz çäginiň üstünden geçmegine ýol bermezligiň aladasynda bolmaly”.

Ol garabag ermenileriniň ykbalynyň Bakuwyň köpmilletli döwlet gurmak islegine doly bagly bolup durýandygyny aýdýar.

“Şonuň üçinem häzirlikçe bu iş 100.000 ermeniniň Daglyk Garabagdan hemişelik gitmegine syrygyp biler” diýip, Lozin “Al Jazirä” gürrüň berdi.

Bu ylalaşyk Tigranyň öz ata watany hasapalaýan sebitiniň otuz ýyllyk iş ýüzündäki garaşsyzlygynyň soňuna nokat goýup biler.

Tigranyň ata-enesi Daglyk Garabagyň paýtagty Stepanakertden gelip çykyp, ol ýerde 1990-njy ýyllaryň başynda Ermenistan bilen Azerbaýjanyň arasyndaky birinji uruş müňlerçe ömür tanapyny kesdi, millionlarça adamy ýurdundan göçmäge mejbur etdi we öňki Sowet Soýuzynyň “doňdurylan çaknyşmalarynyň” birine öwrüldi. Bu şäher Azerbaýjanda Hankendi ady bilen tanalýar.

Tigran Russiýada öýli-işikli, iki perzendiň atasy boldy, emma häzirem ermeniçäniň garabag dialektinde gürläp bilýär. Ermenileriň tas her birisiniňki ýaly onuňam Daglyk Garabagda, Ermenistanda, Fransiýada, Russiýada we Siriýada ýaşaýan dogan-garyndaşlary bar.

Ol iň ägirt diasporalaryň birine degişli: Russiýada tas million etniki ermeni ýaşap, olaryň aglabasy ýurduň günorta-günbataryndaky ata watanlaryna golaý sebitleri mesgen edinen.

Olaryň arasynda özüni tutanlary kän. Şolaryň biri bolan rus milliarderi Ruben Wardanýan geçen ýyl Daglyk Garabaga gelip, üç aýyň dowamynda bölünişikçi hökümete baştutanlyk etdi.

Ol bu hepdedäki çaknyşyklary “tipiki etniki arassalaýyş amalyýaty” diýip atlandyrdy.

Azerbaýjan sişenbe güni ýerasty ötelgäni minalap, dört sany azerbaýjan polisiýa işgäriniň ölümine sebäp bolan

ýurtbölüjileri çaknyşygy öjükdirmede aýyplady.
Aç-açan gepleýän ethik ermenilerden birisi hem Margarita Simonýan bolup, ol Kremli esasy goldaýjylaryň biri hökmünde moskwaparaz täzelik gepleşiklerini onlarça dilde ýaýradýan “RT” media-ägirde ýolbaşçylyk edýär.
Ony gepletseň Ermenistanyň ýeke-täk penakärleri Putin bilen Russiýa bolupdyr we häzirem şeýle.
Ol Ermenistanyň prezidenti, 2018-nji ýylda “garabag urugyna” degişli syýasatçylara garşy halk gozgalaňy netijesinde häkimiýete gelen, 2020-nji ýyldaky uruşda ýeňlişe sezewar bolan we Günbatar bilen arany sazlamaga çalyşýan liberal žurnalist Nikol Paşinýany ýepbeklemegi gowy görýär.
“Häkimiýetiň başyndaka Russiýa garşy şygar berip oturan ermeni bes-belli dönükdir, Ermenistanyň bähbitlerini satýan Russiýa däl-de, hakyt şoldur” diýip, ol sişenbe güni öň “Twitter” diýlen “X” sosial torunda goýan postunda jar etdi.
Başga bir postunda ol tele-şüweleň ýyldyzy Kim Kardaşianyň ABŞ prezidenti Jo Baýdene “täze bir ermeni tohumgyrmasyny togtatmak” barada ýüztutmasyny göz öňünde tutup, “Hiç bir Kimiň eden kömegem bolmaz, hiç bir NATO-nyň hiç zat azaryna-da bolmaz. Ermenistana Russiýadan özge hiç kimiň hiç haçan kömek eden ýeri ýokdur. Indem etmezler” diýýär.
Asyrlaryň dowamynda Russiýa Osmanly Türkiýesi bilen söweşip, bu ýerdäki etnik ermenilere we gaýry hristian toparlara howandarlyk edip geldi.
1946-njy ýylda sowet hökümdary Iosif Staliniň Türkiýäniň etnik ermenileriň agdyklyk edýän iň gündogar sebitlerini eýelemek planlarynyň öňüni almak üçin bu ýurt howul-hara NATO birigipdi.
Şeýle hem Stalin etnik ermenileriň köplük bolan ýeri Daglyk Garabagy Sowet Azerbaýjanynyň düzüminde etnik azerileriň agdyklyk edýän etraplary bilen gurşalan awtonomiýa öwrüpdi.
Eksklawyň adynda hem onuň galagoply geçmişini şöhlelenýär.
“Nagorno” rusça “daglyk” diýmegi aňlatsa, “Karabah” azeri dilinde “gara bag” diýen manyny berýär.
Ermeniler bu jelagaýlarda görkana buthanalary, nepis haşamly daş haçlary we bol nakgaşlanan pergament kitaplary miras goýup

giden orta asyr ermeni knýazlygynyň hatyrasyna bu eksklawy Arşak diýip atlandyrmagy ileri tutýarlar.
SSSR-iň dargamagynyň yzysüre Daglyk Garabagda salasalşyk geçirilip, onda Azerbaýjandan aýrylyp, Ermenistanyň düzümine girmek üçin ses berildi.
Moskwa Daglyk Garabag ugrundaky çaknyşykda Ermenistany goldady, emma şol bir wagtyň özünde Azerbaýjana döwrebap ýaraglary satdy.
Kreml 2020-nji ýyldaky urşyň soňuna nokat goýan ýaraşykda araçylyk etdi we Daglyk Garabagda we ýanaşyk etraplarda 2000 töweregi parahatçylyk güýçlerini ýerleşdirip, olara üzlem-saplam çaknyşyklara gatyşmazlygy tabşyrdy.
“Russiýanyň we onuň parahatçylyk güýçleriniň roly şu wagt-a bitarap bolup durýar – diýip. Azerbaýjanyň paýtagty Bakuwdan syýasatşynas Emil Mustafaýew “Al Jazirä” gürrüň berdi. – Russiýa Azerbaýjan bilen çaknyşyk gerek däl”.
Onuň aýtmagyna görä, Ermenistanyň öz güýçlerini çykarmaga we Azerbaýjany öjükdirmegi bes etmäge göwünsizligi çaknyşygyň tutaşmagyna sebap bolupdyr.
“Öz güýçlerini Garabag sebitinden çykarmaklaryny talap edip, Ýerewana (Ermenistanyň hökümetine) kän duýduryş berdik” diýip ol gürrüň berýär.
“Düýn ermeni diwersantlarynyň ýerasty ötelgedäki goýan minalaryndan adamlar ölende Bakuwyň sabyr käsesi doly” diýende, ol sişenbedäki partlamany göz öňünde tutýar.
Halkara synçylar Daglyk Garabagyň görnüşine görä gutulgusyz boljak boýun egmeginde Paşinýan hökümetini köp derejede jogapkär hasap edýärler.
“Günäniň 90 göterimi netijeli ykdysady ösüş gazanmagyň we goşuny döwrebaplaşdyrmagyň deregine watançylyk barada pöwhe sözer we öňki ýeňşiň abraýy bilen bilen göwnüni hoşlap, ýaltasy çykyp giden ermeni elitasynda” diýip, ukrain seljerme hünärmeni Alekseý Kuş “Al Jazirä” gürrüň berdi.
Moskwa bolsa öz serişdelerini öňki Sowet Soýuzynyň dürli sebitlerinde, aýratynam Ukrainada ulanmak üçin çakdanaşa süýkdureni üçin ol bu eksklawany goramaga-da, Ermenistanda barha azalýan täsirini saklamagada ukypsyz bolup çykdy.

“Russiýa barada aýdylanda, ol hem gadymy Rimde bolşy ýaly, imperialistleriň öz çygyrlaryny çakdanaşa süýkdürmek babatdaky duzagyna düşdi” diýip ol aýtdy.
Atyşygy bes etmek yglan edilen badyna närazylyk görkezijileriň Ýerewanyň merkezine akymy başlandy.
Olaryň çykyşlary şu hepdedäki öňki bolan mitinglere meňzeş.
“Ýerewanda hiç üýtgemeýän düzgün bardyr – milletine howply her bir pursatda olar hökümet binalaryna hüjüm edýärler. Ine, häzirem dürli ýaşdaky erkek kişileriň märekesi harby çagyryş nokatlarynyň öňünde däl-de, ministrler kabinetiniň binasynyň astyna nobatdaky “närazylyk” çäresi üçin nobata düzülýärler” diýip, Germaniýanyň Bremen uniwersitetinden Nikolaý Mitrohin “Al Jazirä” gürrüň berdi.
“Men Ermenistana we Arsaha şowlulyk islärdim welin, ýöne ne hökümetiň, ne-de halkyň 2020-nji ýylyň şowsuz urşundan sapak almandygyny görýärin” diýip ol aýdýar.
“Güýçli we agzybir erk-eradanyň deregine adaty bir tanap dartyşma bu – diýip, ol sözüni jemleýär – Söweş etmegiň deregine olar günäkäri gözleýärler”.

Mansur MIROWALEW.

“Al Jazeera” habarlar gullugy, 20.09.2023 ý. Publisistika